# Hajymelikden hasap soran

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Hajymelikden hasap soran HAJYMELIKDEN HASAP SORAN

Gurt däl, möjek bolup ineñsoñ dünýä,
Öwrenen gylygñy goýaryñ bolmaz.
Baýguş ryskyn görseñ, gözleriñ gülýä,
Ýaglyja lukmadan do ýarym bolmaz.

Keýpine, kireýsiz kakmarsyñ kilim,
Ýelmeşseñ – sypma ýok, göýä bir ýelim,
Biçak çişirdiler – artykmaç ýeliñ,
Agramyñ näçeräk – duýaryñ bolmaz.

Bilmeýäne sahawatly, dana sen,
Çytraşýarsyñ meñzemäge hana sen.
Mugt gazanjy siñdireñsoñ gana sen,
Ynsaba-ygrara uýaryñ bolmaz.

Ýygyp-düýrüp tomsuñ hakgullasyny,
Unudanyñ biri öz Allasyny,
Gara şaýa çalşyp söz tyllasyny,
Haram puldan başga baýaryñ bolmaz.

Ýagmyr PIRGULYÝEW. Goşgular